BOSGUNLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝY HAKYNDA 1951-nji ÝYLYŇ KONWENSIÝASY[1]

Giriş

Belent Ylalaşýan Taraplar,

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda we Baş Assambleýa tarapyndan 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen adam hukuklarynyň Ählumumy jarnamasynda bellenilen ýörelgä laýyklykda ähli adamlaryň esasy hukuklardan we azatlyklardan haýsydyr bir kemsitme bolmazdan peýdalanmalydygyny NAZARA ALYP,

Birleşen Milletler Guramasynyň bosgunlaryň ykbaly bilen çuňňur gyzyklanýandygyny birnäçe gezek beýan edendigini we bosgunlara şol görkezilen esasy hukuklardan we azatlyklardan mümkin boldugyça has giňden peýdalanmagy üpjün etmek üçin tagalla edendigini NAZARA ALYP,

Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy hakynda öň baglaşylan halkara ylalaşyklaryna täzeden garalmagynyň we olaryň birleşdirilmeginiň hem-de şol şertnamalary ulanmagyň we olar bilen üpjün edilýän goragyň çygrynyň täze ylalaşyk baglaşmak arkaly giňeldilmeginiň ilenilýändigini NAZARA ALYP,

Gaçybatalga hukugynyň berilmeginiň käbir ýurtlaryň üstüne çäksiz agram saljakdygyny hem-de halkara möçberi we häsiýeti Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen meseläniň kanagatlanarly çözülmegini halkara hyzmatdaşlygy bolmasa gazanyp bolmajakdygyny NAZARA ALYP,

Ähli döwletleriň bosgunlaryň meselesiniň jemgyýetçilik we ynsanperwerlik häsiýetini ykrar etmek bilen, şu mesele sebäpli döwletleriň arasynda oňşuksyzlygyň öňüni almak üçin ähli çäreleri görmegine ISLEG BILDIRIP, Birleşen Milletler Guramasynyň bosgunlaryň işleri baradaky Baş komisssaryna bosgunlary goramak baradaky halkara Konwensiýalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegiň tabşyrylandygyny BELLÄP hem-de şu meseläni çözmek üçin görülýän çäreleri utgaşdyrmagyň netijeliliginiň döwletleriň Ýokary komissar bilen hyzmatdaşlyk edişine baglydygyny YKRAR EDIP, şu aşakdaky Ylalaşygy BAGLAŞDY:

I BAP
UMUMY DÜZGÜNLER
1-nji madda – "bosgun" düşünjesini kesgitlemek

A. Şu Konwensiýada "bosgun" adalgasy aşakda görkezilen adamy aňladýar:

1) 1962-nji ýylyň 12-nji maýyndaky we 1928-nji ýylyň 30-njy iýunyndaky ylalaşyklara ýa-da 1933-nji ýylyň 28-nji oktýabryndaky we 1938-nji ýylyň 10-njy fewralyndaky konferensiýalara, 1939-njy ýylyň 14-nji sentýabryndaky Teswirnama laýyklykda ýa bolmasa bosgunlaryň işleri baradaky Halkara guramasynyň Tertipnamasyna laýyklykda bosgun hökmünde garalýan adamy:

bosgun hasaplanmak hukugyny ykrar etmekden ýüz döndermek hakynda bosgunlaryň işleri baradaky Halkara guramasy tarapyndan öz işi döwründe kabul edilen kararlar bosgunyň hukuk ýagdaýynyň şu bölegiň 2-nji bendinde bellenilen şertleri kanagatlandyrýan adamlara berilmegine päsgel bermeýär;

2) 1951-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli bolan wakalar netijesinde hem-de jynsy, dini, raýatlygy, jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişlidigi ýa-da syýasy ynamlary sebäpli

[1] BMG-niň şertnamalarynyň ýygyndysy, 189-nji jilt, 137-nji sah (iňlisçe tekstiniň)

yzarlamalaryň pidasy bolmagynyň doly esaslandyrylan howatyrlanmalary sebäpli raýatlygy boýunça degişli bolan ýurduň çäklerinden daşarda bolýan we şol ýurduň goragyndan peýdalanyp bilmeýän ýa-da şeýle howatyrlanmalar sebäpli şeýle goragdan peýdalanmak islemeýän; ýa bolmasa, belli bir raýatlygy bolman we şonuň ýaly wakalar netijesinde özüniň üňki adatça ýaşaýan ýurdunyň çäklerinden daşarda bolup, şeýle howatyrlanmalar sebäpli şol ýurda gaýdyp baryp bilmeýän ýa-da gaýdyp barmagy islemeýän adam.

Haýsydyr bir adam birnäçe ýurduň raýaty bolan halatlarda "onuň raýatlygy boýunça degişli ýurdy" diýen jümle ol raýaty bolan her bir ýurdy aňladýar we eger doly esaslandyrylan howatyrlanmalardan gelip çykýan hiç bir hakyky sebäp bolmazdan, ol raýaty bolan ýurtlaryň biriniň goragyna ýüz urmasa, şeýle adam raýatlygy boýunça degişli ýurdunyň goragyndan mahrum hasap edilmeýär.

B. 1) şu Konwensiýada A bölegiň 1-nji maddasynda ulanylan "1951-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli bolan wakalar" diýen sözler ýa-da,

a) Ýewropada 1951-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli bolan wakalary; ýa-da,

b) Ýewropada ýa beýleki ýerlerde 1951-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli bolan wakalary aňladýar; her bir Ylalaşýan Döwlet şu Konwensiýa esasynda öz üstüne kabul eden borçnamalary babatda şol görkezilen manylaryň anyk haýsysyna eýerýändigini gol çekmek, tassyklamak ýa-da goşulmak pursadynda görkezer.

2) a) kiçi bölümdäki manyny kabul eden islendik Ylalaşýan Döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň baş sekretaryna habar bermek arkaly b) kiçi bölümdäki manyny kabul edip, öz üstüne kabul eden borçnamalarynyň çygryny islendik wagtda diňledip biler.

Ç. Şu Konwensiýanyň düzgünleri A bölegiň kesgitlemesine laýyk gelýän, aşakdaky hereketleri eden adama şondan soň degişli däl:

1) raýatlygy boýunça degişli bolan ýurduň goragyndan ýene-de meýletin peýdalanan; ýa-da,

2) öz raýatlygyndan mahrum bolup, oňa ýene-de meýletin eýe bolan;

3) täze raýatlyga eýe bolan we raýatlygy boýunça degişli bolan täze ýurduň goragyndan peýdalanýan; ýa-da

4) yzarlamalar howatyrlanmalary sebäpli özüniň terk eden ýa-da çäklerinden daşarda bolan ýurduna ýene-de meýletin ýerleşen; ýa-da

5) öz raýatlygy boýunça degişli bolan ýurdunyň goragyndan peýdalanmakdan mundan soň ýüz dönderip bilmeýän adam, sebäbi özüniň bosgun diýlip ykrar edilmegine esas bolan ýagdaýlar aradan aýryldy;

eger şu maddanyň A böleginiň 1-nji bölüminiň kesgitlemesine laýyk gelýän adamlar öz raýatlygy boýunça degişli ýurduň goragyndan peýdalanmakdan özüniň ýüz döndermegi üçin öňki yzarlamalardan gelip çykýan ýeterlik esaslary delil getirip bilse, şu bölümiň düzgünleri oňa degişli däl;

6) belli bir raýatlygy ýok adam bolup, öz öňki adatça ýaşaýan ýurduna gaýdyp baryp bilýän adam, sebäbi bosgun diýlip ykrar edilmegine esas bolan ýagdaýlar aradan aýryldy;

eger şu maddanyň A böleginiň 1-nji bölüminiň kesgitlemesine laýyk gelýän adamlar öz adatça öňki ýaşaýan ýurduna gaýdyp barmakdan özüniň ýüz döndermegi üçin öňki yzarlamalardan gelip çykýan ýeterlik esaslary delil getirip bilse, şu bölümiň düzgünleri oňa degişli däl.

D. Şu Konwensiýanyň düzgünleri häzirki wagtda Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki edaralarynyň ýa guramalarynyň goragyndan ýa-da kömeginden peýdalanýan adamlara degişli däl, Birleşen Milletler guramasynyň bosgunlaryň işleri baradaky Ýokary komissary şol edaralaryň we guramalaryň sanyna girmeýär.

Şeýle gorag ýa-da kömek haýsydyr bir sebäp boýunça şol adamlaryň ýagdaýy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň kabul eden kararlaryna laýyk ylalaşylyp

düzgünleşdirilmänkä bes edilen halatlarda şol adamlara şu Konwensiýadan gelip çykýan hukuklara öz-özünden eýe bolýar.

E. Şu Konwensiýanyň düzgünleri öz ýaşaýan ýurdunyň raýatlygy bilen baglanyşykly hukuklaryny we borçlaryny şol ýurduň ygtyýarlary häkimiýetleri tarapyndan ykrar edilýän adamlara degişli däl.

Ä. Şu Konwensiýanyň düzgünleri özleri barada aşakda görkezilenleri çäk etmäge düýpli esaslar bolan ähli adamlara degişli däl:

a) parahatçylyga garşy jenaýatlar, harby jenaýatlar ýa-da adamkärçilige garşy jenaýatlar barada çäreleriň görülmegi üçin düzülen halkara namalarynda şeýle etmişlere berlen kesgitlemä laýyk gelýän jenaýatlary edendigi;

b) özlerine gaçybatalga beren ýurtdan daşarda we şol ýurda bosgunlar hökmünde goýberilmänkä syýasy häsiýetli bolmadyk agyr jenaýaty edendigi;

ç) Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ters gelýän etmişleri etmekde günäkärdigi.

2-nji madda – Umumy borçnamalar

Her bir bosgunyň bolýan ýurdy barada borçnamalary bolup, olara laýyklykda ol, hususan-da kanunlara we buýruklara, şeýle hem jemgyýetçilik tertibini goldamak üçin görülýän çärelere tabyn bolmaly.

3-nji madda – Kemsitmäge ýol bermezlik

Ylalaşýan Döwletler şu Konwensiýanyň düzgünlerini bosgunlar barada olary jynsy, dini ýa-da gelip çykan ýurdy boýunça haýsydyr bir kemsitmesiz ulanar.

4-nji madda – Dini ynamlar

Ylalaşýan Döwletler öz ýerlerinde bolýan bosgunlara öz dinine uýmak azatlygy we öz çagalaryna dini terbiýe bermek azatlygy babatda juda bolmanda öz raýatlaryna üpjün edýän ýaly amatly düzgüni üpjün eder.

5-nji madda – Şu Konwensiýa baglanyşyksyz berlen hukuklar

Şu Konwensiýada hiç bir zat haýsydyr bir Ylalaşýan Döwlet tarapyndan bosgunlara şu Konwensiýa baglanyşykly berilýän hiç hili hukuklary we artykmaçlyklary bozmaýar.

6-njy madda – "Hut şol ýagdaýlarda" diýen jümle

Şu Konwensiýada "hut şol ýagdaýlarda" diýen jümle bosgunyň şahsy adam bosgun däl halatda onuň degişli hukukdan peýdalanmak üçin kanagatlandyrmaly bolan islendik talaplaryny, şol sanda ýurtda bolmagyň ýa-da ýaşamagyň möhletine we şertlerine degişli talaplary kanagatlandyrmalydygyny aňladýar, öz häsiýeti boýunça bosgun tarapyndan kanagatlandyrylyp bilinmejek talaplar muňa girmeýär.

7-nji madda – Ikitaraplaýynlyk ýörelgesi baradaky kadadan çykmalar

1. Bosgunlara şu Konwensiýa tesasynda has amatly ýagdaýy berilýänlerden başga halatlarda Ylalaşýan Döwlet olara daşary ýurtlularyň umuman peýdalanýan ýagdaýyny üpjün eder.

2. Ylalaşýan Döwletleriň ýerlerinde ýaşamagynyň 3 ýyllyk möhleti tamamlananda ähli bosgunlar kanun arkaly bellenilen ikitaraplaýynlyk talabyndan boşadylar.

3. Her bir Ylalaşýan Döwlet bosgunlaryň şu Konwensiýa güýje giren günde şu döwlet babatda hakly bolan hukuklaryny we artykmaçlyklaryny olara hiç hili ikitaraplaýynlyk bolmazdan geljekde hem üpjün eder.

4. Ylalaşýan Döwletler bosgunlara 2-nji we 3-nji bentlere laýyklykda hakly bolanlaryndan başga hukuklary we artykmaçlyklary hiç hili ikitaraplaýynlyk bolmazdan üpjün

etmek mümkinçiligine hem-de 2-nji we 3-nji bentlerde göz öňünde tutulan şertlere laýyk gelmeýän bosgunlary ikitaraplaýynlyk talaplaryndan boşatmak mümkinçiligine hoşniýetli garar.

5. Şu maddanyň 2-nji we 3-nji bentleri şu Konwensiýanyň 13-nji, 18-nji, 19-njy, 21-nji we 22-nji maddalarynda görkezilen hukuklar we artykmaçlyklar barada bolşy ýaly, onda göz öňünde tutulmadyk hukuklar we artykmaçlyklar barada hem ulanylýar.

8-nji madda – Adatdan daşary çäreler baradaky kadadan çykmalar

Ylalaşýan Döwletler daşary ýurt döwletleriniň raýatlary bolan adamlar, olaryň emlägi ýa-da bähbitleri barada ulanylmagy mümkin bolan adatdan daşary çäreleri resmi taýdan şol döwletiň raýatlary bolan bosgunlar babatda diňe olaryň raýatlygy esasynda ulanmaz. Kanunlary şu maddada beýan edilen umumy ýörelgäniň ulanylmagyna ýol bermeýän Ylalaşýan Döwletler degişli halatlarda şeýle bosgunlaryň bähbitleri üçin kadadan çykmalary bellär.

9-njy madda – Wagtlaýyn çäreler

Şu Konwensiýada hiç bir zat Ylalaşýan Döwletleri uruş wagtynda ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaýlar bar mahaly döwlet howpsuzlygynyň bähbitleri üçin zerur hasap eden wagtlaýyn çärelerini ol ýa-da başga bir adam barada şol Ylalaşýan Döwlet onuň hakykatda hem bosgundygyny hem ol barada ýokarda görkezilen çäreleriň döwlet howpsuzlygynyň bähbitleri üçin zerurdygyny anyklamanka amala aşyrmak hukugyndan mahrum etmeýär.

10-njy madda – Ýaşamagyň üznüksizligi

1. Eger bosgun ikinji jahan urşy wagtynda göçürilen we Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýerlerine iberilen we şol ýerde ýaşaýan bolsa, onda şeýle mejbury bolnan wagt şol ýeriň çäklerinde kanuny ýaşalan wagt hökmünde garalar.

2. Eger bosgun ikinji jahan urşy wagtynda Ylalaşýan Döwletleriň birinden göçürilen we şu Konwensiýa güýje girmänkä şol ýerde hemişelik ýaşamaga ýerleşmek üçin şol ýere gaýdyp baran bolsa, onda şeýle göçürmäge çenli we ondan soňky ýaşalan döwür üznüksiz ýaşamak talap edilen ähli halatlarda şol bir üznüksiz döwür hökmünde garalar.

11-nji madda – Deňizçi bosgunlar

Eger bosgunlar Ylalaşýan Döwletleriň biriniň baýdagy astynda ýüzýän gämileriň ekipažlarynda kada laýyk gulluk edýän adamlar bolsa, onda şol döwlet şol adamlaryň öz ýerlerinde ýaşamaga ýerleşmegine we olara ýol resmi kagyzlarynyň berilmegine ýa-da olara onuň ýerlerine, hususan-da, olaryň haýsydyr bir ýurtda ýaşmaga ýerleşmegini aňsatlaşdyrmak üçin gelmegine wagtlaýyn hukugyň berilmegine hoşniýetli garar.

II BAP
HUKUK ÝAGDAÝY

12-nji madda – Şahsy hukuk ýagdaýy

1. Bosgunyň şahsy hukuk ýagdaýy onuň hemişelik ýaşaýan ýurdunyň kanunlary ýa-da onuň şeýle ýurdy bolmasa, onuň ýaşaýan ýurdunyň kanunlary bilen kesgitlenilýär.

2. Bosgun tarapyndan öň alnan, onuň şahsy hukuk ýagdaýy bilen baglanyşykly bolan hukuklar, hususan-da, nikadan gelip çykýan hukuklar Ylalaşýan Döwletler tarapyndan şol döwletiň kanunlarynda görkezilen resmileşdirmeler, gerek bolan halatda ýerine ýetirilenden soň degişli hukuk şol adam bosgun bolmadyk halatda, şol döwletiň kanunlary bilen ykrar ediljek hukuklaryň üçüsiniň biri bolanda berjaý ediler.

13-nji madda – Gozgalýan we gozgalmaýan emläk

Gozgalýan we gozgalmaýan emlägi we onuň bilen baglanyşykly beýleki hukuklary satyn almak babatda, şeýle hem gozgalýan we gozgalmaýan emläge degişli bolan kärende şertnamalary we beýleki şertnamalar babatda ylalaşýan döwlet bosgunlara mümkin boldugyça

has amatly ýagdaýy we her bir halatda amatlylygy hut şol bir ýagdaýlarda daşary ýurtlularyň peýdalanýanyndan pes bolmadyk ýagdaýy üpjün eder.

14-nji madda – Awtorlyk we senagat hukuklary

Oýlap tapyşlar, çyzgylar we nusgalar, söwda nyşanlary, firmanyň ady üçin hukuklar we edebiýat, çeperçilik we ylym eserleri üçin hukuklar ýaly senagat hukuklaryny goramaga degişlilikde bosgunlara özüniň adatça ýaşaýan ýeri bolan ýurtda şol ýurduň raýatlaryna üpjün edilýän ýaly gorag üpjün ediler. Islendik beýleki Ylalaşýan Döwletiň ýerlerinde olara şol ýerlerde özüniň adatça ýaşaýan ýeri bolan ýurduň raýatlaryna üpjün edilýän ýaly gorag üpjün ediler.

15-nji madda – Birleşmeler hukugy

Syýasy häsiýetli bolmadyk we peýda almak maksatlaryna eýermeýän birleşmeler we kärdeşler arkalaşyklary babatda Ylalaşýan Döwletler öz ýerlerinde kanuny ýaşaýan bosgunlara daşary ýurt döwletiniň raýatlarynyň hut şol şertlerdäki ýagdaýyna laýyk gelýän has amatly ýagdaýy üpjün eder.

16-njy madda – Kazyýete ýüz tutmak hukugy

1. Her bir bosgunyň ähli Ylalaşýan Döwletleriň ýerlerinde kazyýetlere erkin ýüz tutmaga hukugy bar.

2. Özüniň adatça ýaşaýan ýeri bolan Ylalaşýan Döwletiň çäklerinde her bir bosgun kazyýete ýüz tutmak babatda, hususan-da, hukuk kömegi we kazyýet çykdajylaryny tölemegi üpjün etmekden boşadylmak (cautio judicatum solvi) meselelerinde raýatlar bilen deň ýagdaýdan peýdalanar.

3. Her bir bosguna onuň adatça ýaşaýanyndan başga ähli ýurtlarda 2-nji bentde görkezilen meseleler babatda onuň adatça ýaşaýan ýurdunyň raýatlarynyňky ýaly ýagdaý üpjün ediler.

III BAP
GIRDEJI GETIRÝÄN IŞ

17-nji madda – Hakyna tutmak boýunça iş

1. Ylalaşýan Döwletler öz ýerlerinde kanuny ýaşaýan bosgunlara hakyna tutmak boýunça iş babatda daşary ýurt raýatlarynyň hut şol şertlerde peýdalanýan has amatly ýagdaýyny üpjün eder.

2. Her bir halatda daşary ýurtlylara ýa-da daşary ýurtlylary hakyna tutmaga degişli bolan hem-de içerki zähmet bazaryny goramak maksady bilen ulanylýan çäklendiriji çäreler şu Konwensiýa degişli Ylalaşýan Döwlet babatda güýje giren günde şeýle çäreler özlerine degişli bolmadyk bosgunlar ýa-da aşakdaky şertleriň birine laýyk gelýän bosgunlar barada ulanylmaz:

a) ýurduň çäklerinde azyndan üç ýyl ýaşaýanlar;

b) ýaşaýan ýurdunyň raýatlygyna eýe bolan är-aýallar. Bosgun maşgala ojagyny terk eden bolsa, bu karara salgylanyp bilmez;

ç) çagalarynyň biri ýa-da birnäçesi ýaşaýan ýurdunyň raýatlygyna eýe bolanlar.

3. Ylalaşýan Döwletler hakyna tutmak boýunça iş babatda ähli bosgunlaryň we hususan-da öz ýerlerine işçi güýjüni hakyna tutmagyň maksatnamalaryny ýerine ýetirmek tertibinde ýa bolmasa başga ýurda göçürmek meýilnamalaryna laýyklykda gelen bosgunlaryň hukuklaryny deňleşdirmek mümkinçiligine hoşniýetli garar.

18-nji madda – Öz kärhanalarynda işlemek

Ylalaşýan Döwletler öz ýerlerinde kanuny ýaşaýan bosgunlara oba hojalygy, senagat, senetler we söwda bilen özbaşdak meşgullanmak hukugy, şeýle hem söwda we senagat şereketlerini açmak hukugy babatda mümkin boldugyça has amatly ýagdaýy we her bir halatda

amatlylygy daşary ýurtlylaryň hut şonuň ýaly ýagdaýlarda adatça peýdalanýanyndan pes bolmadyk ýagdaýy üpjün eder.

19-njy madda – Erkin hünärler

1. Her bir Ylalaşýan Döwlet öz ýerlerinde kanuny ýaşaýan we şol döwletiň ygtyýarly häkimiýetleri tarapyndan ykrar edilen diplomy bolan, erkin hünärler bilen meşgullanmak isleýän bosgunlara mümkin boldugyça has amatly ýagdaýy we her bir halatda amatlylygy daşary ýurtlylaryň hut şonuň ýaly ýagdaýlarda adatça peýdalanýanyndan pes bolmadyk ýagdaýy üpjün eder.

2. Ylalaşýan Döwletler şeýle bosgunlaryň gözegçilik edilmeýän, halkara gatnaşyklary üçin özleri jogapkärçilik çekýän sebitlerde ýerleşmegini üpjün etmek üçin öz kanunlary we öz konstitusiýalary bilen ýol berilýän ähli çäreleri görer.

IV BAP
DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGI

20-nji madda – Paý bermek tertibi

Ähli ilat üçin hökmany bolan, gyt azyk önümleriniň umumy paýlanylmagyny düzgünleşdirýän paý bermek tertibi bar bolan ýerde şeýle tertip bosgunlar barada raýatlar bilen deň esaslarda ulanylar.

21-nji madda – Ýaşaýyş jaý meselesi

Ýaşaýyş jaý meselesiniň kanunlar ýa buýruklar bilen düzgünleşdirilýändigi ýa-da jemgyýetçilik häkimiýetiniň gözegçiligi astynda durýandygy sebäpli, Ylalaşýan Döwletler öz ýerlerinde kanuny ýaşaýan bosgunlara mümkin boldugyça has amatly hukuk ýagdaýyny we her bir halatda amatlylygy daşary ýurtlylaryň hut şonuň ýaly ýagdaýlarda adatça peýdalanýanyndan pes bolmadyk ýagdaýy üpjün eder.

22-nji madda – Halk magaryfy

1. Başlangyç bilimi babatda Ylalaşýan Döwletler bosgunlara raýatlaryňky ýaly hukuk ýagdaýyny üpjün eder.

2. Bilimiň başlangyçdan başga beýleki görnüşleri barada we hususan-da, okamak mümkinçiligi, daşary ýurt şahadatnamalaryny, diplomlaryny we derejelerini ykrar etmek, okamak hukugy üçin tölegden we ýygymlardan boşatmak babatda, şeýle hem talyp haklaryny bermek babatda Ylalaşýan Döwletler bosgunlara mümkin boldugyça has amatly ýagdaýy we her bir halatda amatlylygy daşary ýurtlylaryň hut şonuň ýaly ýagdaýlarda adatça peýdalanýanyndan pes bolmadyk ýagdaýy üpjün eder.

23-nji madda – Hökümetiň kömegi

Ylalaşýan Döwletler öz ýerlerinde kanuny ýaşaýan bosgunlara hökümetiň kömegi we goldamagy babatda raýatlaryň peýdalanýany ýaly ýagdaýy üpjün eder.

24-nji madda –Zähmet kanunçylygy we durmuş üpjünçiligi

1. Ylalaşýan Döwletler öz ýerlerinde kanuny ýaşaýan bosgunlara aşakda görkezilenler babatda raýatlaryna üpjün edilýän ýaly ýagdaýy üpjün eder:

a) zähmet üçin töleg, şol sanda maşgala üçin hemaýat pullary zähmet üçin tölegiň bir bölegi bolsa, şeýle hemaýat pullary, iş gününiň dowamlylygy, iş wagtyndan daşary edilýän iş, tölegli rugsatlar, öýünde işlemek baradaky çäklendirmeler, hakyna tutmak boýunça işlemek üçin iň kiçi ýaş, şägirtlik we hünär taýýarlygy, aýallaryň we ýetginjekleriň zähmeti hem-de köpçülikleýin şertnamalaryň artykmaçlyklaryndan peýdalanmak, sebäbi bu meseleler kanunlar we buýruklar bilen düzgünleşdirilýär ýa-da olara dolandyryjy häkimiýet gözegçilik edýär;

b) durmuş üpjünçiligi (işdäki betbagtçylyk hadysalaryna, hünär kesellerine, enelige, kesele, maýyplyga, garrylyga, ölüme, işsizlige, maşgala baradaky borçnamalara degişli kanunçylyk namalary we içerki kanunlara ýa-da buýruklara laýyklykda durmuş üpjünçiliginiň ulgamy bilen göz öňünde tutulan beýleki halatlar) babatda şu çäklendirmeler bilen:

i) eýe bolnan hukuklary we edinilýän hukuklary gorap saklamagyň degişli tertibi bolup biler;

ii) ýaşalýan ýurduň kanunlarynda we buýruklarynda dolulygyna döwletiň serişdelerinden tölenilýän doly ýa-da bölekleýin hemaýat pullaryny hem-de adaty pensiýalary almak üçin talap edilýän tölegler babatda ähli şertleri ýerine ýetirmedik adamlara tölenilýän hemaýat pullaryny almagyň ýörite tertibi göz öňünde tutulyp bilner.

2. Bosgunyň işdäki betbagtçylyk hadysasy ýa-da hünär keseli netijesinde ölmegi üçin öwezini dolma tölegine bolan hukuk şeýle öwezini dolmany alyjynyň Ylalaşýan Döwletiň ýerlerinde ýaşamaýandygy täsir etmez.

3. Ylalaşýan Döwletler bosgunlara eýe bolnan hukuklary we edinilýän hukuklary gorap saklamak hakynda, durmuş üpjünçiligi babatda öz aralarynda baglaşylan ýa-da geljekde baglaşylmagy mümkin bolan ylalaşyklardan gelip çykýan artykmaçlyklary diňe şol ylalaşyga gol çeken döwletleriň raýatlary barada ulanylýan şertleri berjaý etmek bilen üpjün eder.

4. Ylalaşýan Döwletler bosgunlara her biri anyk pursatda şu ylalaşýan Döwletler bilen şertnama gatnaşmaýan döwletleriň arasyndaky hereket etmegi mümkin bolan şonuň ýaly ylalaşyklardan gelip çykýan artykmaçlyklary mümkin boldugyça üpjün etmek meselesine hoşniýetli garar.

V BAP
DOLANDYRYŞ ÇÄRELERI

25-nji madda – Dolandyryjylaryň ýardamy

1. Bosgunlaryň haýsydyr bir hukukdan peýdalanmagy adatça şol bosgunlaryň ýüz tutup bilmeýän daşary ýurt döwletiniň häkimiýetleriniň ýardam bermegini talap edende, şol bosgunlar öz ýerlerinde ýaşaýan Ylalaşýan Döwletler şeýle ýardamy olara şol döwletiň häkimiýetleriniň ýa bolmasa haýsydyr bir halkara häkimiýetiniň etmegi üçin çäreleri görer.

2. Şu maddanyň 1-nji bendinde görkezilen häkimiýet ýa-da häkimiýetler bosgunlary adatça daşary ýurt häkimiýetleri tarapyndan ýa-da olar öz raýatlary bolan döwletiň häkimiýetleriniň üsti bilen berilýän resmi kagyzlar ýa şahadatnamalar bilen üpjün eder ýa bolmasa olaryň öz gözegçiligi astynda üpjün edilmegini gazanar.

3. Şeýle tertipde berlen resmi kagyzlar ýa-da şahadatnamalar daşary ýurt häkimiýetleri tarapyndan ýa-da olar öz raýatlary bolan döwletleriň häkimiýetleriniň üsti bilen berilýän resmi kagyzlaryň ornuny tutan hem-de olaryň hakyky däldigi subut edilýänçä, hakyky diýlip ykrar ediler.

4. Ýoksul adamlara üpjün edilýän aýratyn ýeňilliklerden başga halatlarda şu maddanyň görkezilen hyzmatlar üçin töleg alnyp bilner; emma şeýle töleg aram bolar we hut şonuň ýaly hyzmatlar üçin raýatlardan alynýana laýyk geler.

5. Şu maddanyň düzgünleri 27-nji we 28-nji maddalaryň düzgünlerine täsir etmeýär.

26-njy madda – Bolýan ýeriňi üýtgetmek azatlygy

Her bir Ylalaşýan Döwlet öz ýerlerinde kanuny ýaşaýan bosgunlara adatça hut şol ýagdaýlarda daşary ýurtlylar barada ulanylýan ähli kadalary berjaý etmek şerti bilen, öz ýerleriniň çäklerinde ýaşaýan ýerini seçip almak hem-de bolýan ýerini erkin üýtgetmek hukugyny üpjün eder.

27-nji madda – Şahsyýet şahadatnamasy

Ylalaşýan Döwletler öz ýerlerinde bolýan we hakyky ýol resmi kagyzlary ýok bosgunlara şahsyýet şahadatnamalaryny berer.

28-nji madda – Ýol resmi kagyzlary

1. Ylalaşýan Döwletler öz ýerlerinde ýaşaýan bosgunlara şol ýerleriň çäklerinde bolýan ýerini üýtgetmegi üçin resmi ýol kagyzlaryny muňa döwlet howpsuzlygynyň we jemgyýetçilik tertibiniň ýerlikli sebäpleri päsgel bermeýän ýagdaýda berer; şeýle resmi kagyzlar barada şu Konwensiýa goşulan kadalaryň düzgünleri ulanylar. Ylalaşylan Döwletler şeýle ýol resmi kagyzlaryny öz ýerleriniň çäklerinde bolýan islendik bosguna berip biler; olar, hususan-da, öz ýerlerinde bolýan, resmi ýol kagyzlaryny özüniň kanuny ýaşaýan ýurdunda alyp bilmeýän bosgunlara şeýle ýol kagyzlarynyň berilmegi hakyndaky meselä hoşniýetli garar.

2. Öňki halkara gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň şeýle ylalaşyklar esasynda bosgunlara beren resmi ýol kagyzlaryny Ylalaşýan Döwletler olara hut şu madda esasynda berlen ýaly ykrar eder we garar.

29-njy madda – Salgytlar

1. Ylalaşýan döwletler bosgunlara hut şonuň ýaly şertlerde öz raýatlaryna salynýanlardan we salynmagy mümkin bolanlardan başga we ýokary bolan hiç hili paçlary, ýygymlary ýa salgytlary salmaz.

2. Şu maddanyň ýokary bölüminiň düzgünleri daşary ýurtlulara edara ediş resmi kagyzlarynyň, şol sanda şahsyýet şahatnamalarynyň berilmegi üçin ýygymlara degişli kanunlaryň we buýruklaryň bosgunlar barada ulanylmagyny hiç bir derejede aradan aýyrmaýar.

30-njy madda – Emlägi alyp gitmek

1. Ylalaşýan Döwletler öz kanunlaryna we buýruklaryna laýyklykda bosgunlaryň olaryň ýerlerine bosgunlar tarapyndan özi bilen getirilen emlägi ýaşamaga ýerleşmegi üçin gitmäge hukuk berlen beýleki ýurda alyp gitmegine rugsat berer.

2. Ylalaşýan Döwletler bosgunlaryň özlerine barmaga hukuk berlen ýurtlarda ýaşamaga ornaşmak üçin özlerine zerur bolan emlägi alyp gitmäge rugsat bermek hakyndaky towakaganamalaryna şol emlägiň nirede ýerleşýändigine garamazdan, hoşniýetli garar.

31-nji madda - Özlerine gaçybatlaga beren ýurtda bikanun bolýan bosgunlar

1. Ylalaşýanlar Döwletler öz janyna 1-nji madda görkezilen howp abanan ýerlerden göni gelip, şol döwletleriň ýerlerine rugsatsyz gelýän ýa-da şol ýerde bolýan bosgunlar haýal etmän häkimiýetlere baran we özüniň bikanun gelmeginiň ýa bolmagynyň kanagatlanarly düşündirişini beren şertde, olar barada öz ýerlerine bikanun gelendigini ýa onda bikanun bolýandygy üçin temmileri ulanmaz.

2. Ylalaşýan döwletler şeýle bosgunlaryň bolýan ýerini üýtgetmeginiň azatlygyny zerur däl çäklendirmeler bilen çäklendirmez; şeýle çäklendirmeler diňe şol bosgunlaryň şol ýurtdaky hukuk ýagdaýy düzgünleşdirilýänçä ýa-da olar başga bir ýurda barmaga hukuk alýança ulanylar. Ylalaşýan döwletler şeýle bosgunlara başga bir ýurda barmaga hukuk almak üçin ýeterlik möhleti we ähli zerur şertleri üpjün eder.

32-nji madda – Ýurtdan çykarmak

1. Ylalaşýan Döwletler öz ýerlerinde kanuny ýaşaýan bosgunlary döwlet howpsuzlygynyň ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bähbitlerinden başga sebäpler boýunça ýurtdan çykarmaz.

2. Şeýle bosgunlaryň ýurtdan çykarylmagy diňe kazyýet tertibinde çykarylan çözgütleri ýerine ýetirmek üçin amala aşyrylar. Döwlet howpsuzlygynyň ýerlikli bähbitleri muňa päsgel berýänden başga halatlarda bosgunlara özüni saklaýan subutnamalary getirmäge hem-de degişli edaralarda ýa-da adamlaryň huzurynda ýa bolmasa aýratyn bellenilen degişli edaralarda şikaýat etmäge hukuk, şeýle hem şu maksat üçin özüniň wekilleriniň bolmagyna hukuk berler.

3. Ylalaşýan Döwletler şeýle bosgunlara başga bir ýurda barmaga kanuny hukuk almak üçin ýeterlik möhleti üpjün eder. Ylalaşýan Döwletler şol möhletiň dowamynda özleriniň zerur hasap etjek içerki häsiýetli çäreleri ulanmak hukugyny özünde saklap galýar.

33-nji madda – Bosgunlary olaryň gaýdan ýeri bolan ýurtlaryna göçürmegiň ýa-da mejbury ibermegiň gadaganlygy

1. Ylalaşýan Döwletler bosgunlary olaryň jynsy, dini, raýatlygy, jemgyýetiň belli bir toparyna degişlidigi ýa syýasy ynamlary sebäpli, janyna ýa-da azatlygyna howp salynýan ýurtlara hiç bir görnüşde göçürmez ýa bolmasa gaýtarmaz.

2. Emma bu karar ýerlikli sebäplere görä, bolýan ýeri bolan ýurduň howpsuzlygyna wehüm ýaly garalýan ýa bolmasa güýje giren hökümler bilen, aýratyn agyr jenaýat edendigi üçin iş kesilen we ýurt üçin jemgyýetçilik howpy bolup durýan bosgunlar barada ulanylyp bilinmez.

34-nji madda – Resmileşdirmek

Ylalaşýan döwletler bosgunlaryň grişmegini we resmileşdirilmegini mümkin boldugyça aňsatlaşdyrar. Hususan-da, olar resmileşdirmegi çaltlandyrmak boýunça iş önümçiligini tizleşdirmek we onuň bilen baglaneyşykly ýygymlary we çykdajylary mümkin bodugyça azaltmak üçin özlerine bagly ähli zatlary eder.

VI BAP
KONWENSIÝANY ULANMAGA WE GEÇIŞ DÖWRÜNE ÇENLI DÜZGÜNLER

25-nji madda – Milli häkimiýetler bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk

1. Ylalaşýan Döwletler Birleşen Milletler Guramasynyň bosgunlaryň işleri baradaky Ýokary Komissarynyň Müdirligi ýa-da Birleşen Milletler Guramasynyň şol Müdirliginiň wezipelerini ýerine ýetirmek öz üstüne geçmegi mümkin bolan islendik beýleki edarasy bilen hyzmatdaşlyk etmäge borçlanýar we hususan-da, şu Konwensiýanyň düzgünleriniň ulanylyşyna gözegçilik etmek boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirmekde olara ýardam berer.

2. Birleşen Milletler guramasynyň bosgunlaryň işleri baradaky Ýokary Komissarynyň Müdirligine ýa-da onuň ornuny tutjak başga bir edarasyna Birleşen Milletler Guramasynyň degişli edaralaryna nutuklary bermäge mümkinçilik bermek üçin ylalaşýan döwletler olary aşakdakylar barada olara talap edilýän maglumatlar we hasabat maglumatlary bilen degişli görnüşde üpjün etmäge borçlanýar:

a) bosgunlaryň ýagdaýy;

b) şu Konwensiýany durmuşa geçirmek we

ç) bosgunlar hakyndaky mesele boýunça hereket edýän ýa-da soňra güýje girmegi mümkin bolan kanunlar, buýruklar we dekretler.

36-njy madda – Milli we kanunçylyk namalary hakyndaky maglumatlar

Ylalaşýan Döwletler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna özleriniň şu Konwensiýany durmuşa geçirmek maksady bilen çykaran kanunlarynyň we buýruklarynyň tekstlerini habar berer.

37-nji madda - Öň baglaşylan Konwensiýalar

Şu Konwensiýanyň 28-nji maddasynyň 2-nji bendini güýçde saklamak bilen, şu Konwensiýa oňa gatnaşýan talaplar üçin 1922-nji ýylyň 5-nji iýulyndaky, 1924-nji ýylyň 31-nji maýyndaky, 1926-njy ýylyň 12-nji maýyndaky, 1928-nji ýylyň 30-njy iýunyndaky we 1935-nji ýylyň 30-njy iýulyndaky namalary hem-de 1933-nji ýylyň 28-nji oktýabryndaky we 1938-nji ýylyň 10-njy fewralyndaky Konwensiýalary, 1939-njy ýylyň 14-nji sentýabryndaky teswirnamany we 1946-njy ýylyň 15-nji oktýabryndaky ylalaşygy çalşyrýar.

7 BAP
JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

38-nji madda – Jedelleri çözmek

Şu Konwensiýanyň gatnaşyjylarynyň arasynda ony düzgünleşdirmek we ulanmak hakynda döreýän, başga usulda çözülip bilinmeýän ähli jedeller jedele gatnaşýan islendik tarapyň talaby boýunça Halkara Kazyýetine berler.

39-njy madda – Gol çekmek, tassyklamak we goşulmak

1. Şu Konwensiýa gol çekmek üçin Ženewada 1951-nji ýylyň 28-nji iýulynda açyk bolar we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berler. Ol gol çekmek üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa bölüminde 1951-nji ýylyň 28-nji iýulyndan 31-nji awgustynda çenli açyk bolar we soňra gol çekmek üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Edaralarynda 1951-nji ýylyň 17-nji sentýabryndan 1952-nji ýylyň 31-nji dekabryna çenli ýene-de açyk bolar.

2. Şu Konwensiýa Birleşen Milletler Guramasynyň agza döwletleriniň ählisiniň gol çekmegi, şeýle hem bosgunlaryň we watanyndan jyda bolanlaryň hukuk ýagdaýy hakyndaky mesele boýunça ygtyýarly wekilleriň konferensiýasyna gatnaşmaga çakylyk alan islendik beýleki döwletleriň ýa bolmasa Baş Assambleýa oňa gol çekmegi özüne teklip eden islendik döwletiň adyndan gol çekmek üçin açyk bolar. Şu Konwensiýa tassyklanylmaga degişli, özi-de tassyklaýyş hatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berler.

3. Şu Konwensiýa şu maddanyň 2-nji bölüminde görkezilen döwletleriň goşulmagy üçin 1951-nji ýylyň 28-nji iýulyndan açyk bolar. Goşulmak amaly ol hakyndaky namanyň Birleşen Milletler guramasynyň Baş sekretaryna saklanylmaga berilmegi arkaly amala aşyrylar.

40-njy madda – Konwensiýa ulanylýan sebitler hakyndaky karar

1. Islendik döwlet Konwensiýa gol çeken ýa-da ony tassyklanan ýa bolmasa oňa goşulan mahaly şu Konwensiýanyň hereketiniň halkara gatnaşyklary üçin şol döwlet tarapyndan jogapkärçilik çekilýän sebitleriň ählisine ýa-da käbirine degişlidigini yglan edip biler. Şeýle beýanat şu Konwensiýa şol döwlet üçin güýje giren günde güýje girer.

2. Islendik soňraky pursatda Konwensiýanyň hereketiniň şunuň ýaly degişli edilmegi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň adyna iberilen habarnama arkaly yglan edilmeli we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şeýle habarnamany alan gününden soň togsanynjy günde ýa bolmasa Konwensiýanyň şol döwlet üçin güýje giriýän güni has giçki sene bolsa, şol gün güýje girer.

3. Gol çekilen, tassyklanylan ýa-da goşulan mahaly şu Konwensiýa özüne degişli bolmadyk sebitler babatda her bir dahylly döwlet şu Konwensiýanyň şeýle sebitlere degişli bolmagy üçin çäreleri görmek mümkinçiligi hakyndaky meselä munuň özi konstitusion häsiýetli sebäpler boýunça zerur bolan ýerde şol sebitleriň hökümetleriniň razylygy bilen garar.

41-nji madda – Federatiw döwletler hakyndaky karar

Federatiw ýa-da unitar däl kysymly döwletler babatda şu düzgünler ulanylar:

a) şu Konwensiýanyň federal kanun çykaryjy häkimiýetiň kanun ygtyýarlyklaryna degişli bolan maddalary babatda – federal hökümetiň borçnamalary görkezilen çäklerde şu Konwensiýanyň federatiw döwletler bolup durmaýan taraplarynyň borçnamalaryna laýyk bolar.

b) şu Konwensiýanyň federasiýanyň düzümine giriýän, federasiýanyň konstitusion gurluşyna laýyklykda kanun çykaryjylyk çärelerini kabul etmäge borçly däl ştablaryň, welaýatlaryň ýa kantonlaryň kanun ygtyýarlyklaryna degişli bolan maddalary babatda – federal hökümet şu maddalar hakynda ştatlaryň, welaýatlaryň ýa kantonlaryň degişli häkimiýetlerine birinji mümkinçilik bolanda habar berip, bu habara özüniň hoşniýetli seslenmesini goşar.

ç) şu Konwensiýada tarap bolup durýan federatiw döwletler islendik beýleki ylalaşýan döwletiň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň üsti bilen beren talaby boýunça

federasiýada we onuň düzüm birliklerinde Konwensiýanyň islendik anyk düzgüni barada bar bolan kanunlary we tejribesi hakynda maglumat berip, şol düzgüniň kanun çykaryjy tarapyndan ýa başga bir görnüşde nähili derejede durmuşa geçirilendigini görkezer.

42-nji madda – Şertlendirmeler

1. Gol çekmek, tassyklamak ýa-da goşulmak mahaly islendik döwlet Konwensiýanyň 1-nji, 3-nji maddalaryndan we 16-njy maddasynyň 4-nji bendinden, 33-nji, 36-46-njy maddalaryndan başga islendik maddasy boýunça şertlendirmeleri beýan edip biler.

2. Şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda şertlendirmäni beýan eden islendik döwlet bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryny habarly edip, şol şertlendirmeden islendik wagtda ýüz dönderip biler.

43-nji madda – Güýje girmegi

1. Şu Konwensiýa tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky namanyň 6-njysy saklanylmaga berlen günden başlap togsanynjy günde güýje girer.

2. Konwensiýa ony tassyklan ýa-da oňa goşulan ähli döwletler üçin – tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky namanyň 6-njysy saklanylmaga berlenden soň güýje girer.

44-nji madda – Güýjüni ýatyrmak

1. Islendik ylalaşýan döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň baş sekretarynyň adyna iberilen habarnama arkaly şu Konwensiýanyň güýjüni islendik wagtda ýatyryp biler.

2. Şeýle güýjüni ýatyrmak degişli ylalaşýan döwlet üçin birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary habarnamany alan gününden başlap bir ýyldan güýje girer.

3. 40-njy madda esasynda beýanat beren ýa-da habarnama iberen islendik döwlet şondan soň islendik wagtda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň adyna iberilen habarnama arkaly şu Konwensiýanyň degişli sebite Baş sekretar şol görkezilen habarnamany alanyndan soň bir ýyldan degişli bolmajakdygyny beýan edip biler.

45-nji madda – Täzeden garamak

1. Islendik ylalaşýan döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň adyna iberilen habarnama arkaly şu Konwensiýa täzeden garamagy islendik wagtda talap edip biler.

2. Şeýle talap bilen baglanyşykly haýsydyr bir çäreleri görmek zerur bolsa, Birleşen Milletler guramasynyň Baş Assamleýasy degişli çäreleriň görülmegi barada ündeme berer.

46-njy madda – Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň iberýän habarnamalary

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Birleşen Milletler Guramasynyň ähli agzalaryna we onuň agzalary bolup durmaýan, 39-njy maddada görkezilen döwletlere şulary habar berer:

a) 1-nji maddanyň B bölegi esasynda gowşan beýanatlar we habarnamalar hakynda;

b) 39-njy maddada göz öňünde tutulan gol çekmeler, tassyklamalar we goşulmalar hakynda;

ç) 40-njy maddada göz öňünde tutulan beýanatlar we habarnamalar hakynda;

d) 42-nji maddada göz öňünde tutulan şertlendirmeler we şertlendirmelerden ýüz döndermeler hakynda;

e) şu Konwensiýanyň 43-nji madda laýyklykda güýje girýän güni hakynda;

ä) 44-nji maddada göz öňünde tutulan güýjüni ýatyrmalar we habarnamalar hakynda;

f) täzeden garamak hakynda 45-nji madda laýyklykda gowşan talaplar hakynda.

MUŇA GÜWÄ GEÇMEK HÖKMÜNDE, geregiçe ygtyýarly edilen aşakda gol çekenler şu Konwensiýa öz hökümetleriniň adyndan gol çekdi.

Ženewada, 1951-nji ýylyň iýul aýynyň 28-nji gününde iňlis we fransuz dillerindäki tekstleri deň güýje eýe bolan bir nusgada AMAL EDILDI, bu nusga Birleşen Milletler

Guramasynyň arhiwinde saklanylýar, onuň güwä geçilen nusgalary bolsa Birleşen Milletler guramasynyň ähli agzalaryna we onuň agzalary bolup durmaýan, 39-njy maddada görkezilen döwletlere iberilýär.

DÜŞÜNDIRIŞ

1-nji bent

1. Şu Konwensiýanyň 28-nji maddasynda aýdylýan ýol resminamalary goşulýan nusga laýyk gelmelidir.

2. Bu resminamalar azyndan iki dilde berilmelidir, üstesine-de olaryň biri iňlis ýa-da fransuz dilinde bolmalydyr.

2-nji bent

Resminamalary bermegiň ýurtlardan tarapyndan bellenilýän kadalaryny hasaba almak bilen çagalar ata-enäniň ýol resminamalaryna ýa-da aýratyn ýagdaýlarda beýleki uly ýaşly bosgunyň resminamalaryna girizilip bilner.

3-nji bent

Resminamalaryň berlendigi üçin alynýan paçlar milli pasportlar üçin iň pes paçlardan ýokary bolmaly däldir.

4-nji bent

Aýratyn ýa-da kadadan çykýan halatlary hasap etmän, resminama ýurtlaryň mümkin bolan köp sanlysynda hakyky bolmalydyr.

5-nji bent

Resminama resminamany berýän häkimiýetleriň islegine görä bir ýa-da iki ýylyň içinde hakyky bolmalydyr.

6-njy bent

1. Resminamany dikeltmek ýa-da onuň hereket ediş möhletini uzaltmak onuň eýesi kanuny esaslarda başga ýere ýerleşýänçä ýa-da häkimiýetiň ýokarda ýatlanan organynyň çäginde kanuny ýaşaýança resminamany beren häkimiýet organynyň ygtyýaryna giryär. Täze resminamany bermek edil şeýle şertlerde öňki resminamany beren häkimiýet organynyň ygtyýaryna giryär.

2. Bu maksatlar üçin ýörite ygtyýarlyklary bolan diplomatik we maslahat ýeriş häkimiýetleri öz hökümetleri tarapyndan berlen ýol resminamalaryň hereket ediş möhletini alty aýdan ýokary geçmeýän döwür üçin hukuga eýe bolmalydyrlar.

3. Ylalaşýan döwletler öz çäklerinde kanuny esaslarda indi ýaşamaýan we öz kanuny ýaşaýan ýurdundan ýol resminamalaryny almak mümkinçiligine eýe bolmaýan bosgunlara täze resminamalary bermek ýa-da ýol resminamalaryny dikeltmek ýa-da olaryň hereket ediş möhletini uzaltmak hakyndaky meselä hoşniýetli gararlar.

7-nji bent

Ylalaşýan döwletler şu Konwensiýanyň 28-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda berlen resminamalaryň hakykylygyny ykrar edýärler.

8-nji bent

Bosgunyň gelmek isleýän ýurdunyň ygtyýarly häkimiýetleri eger şeýle rugsatnama gerek bolsa we eger olar bosguny kabul etmäge taýýar bolsa, özüniň eýesi bolup durýan resminamasyz rugsatnamany resmileşdirýärler.

9-njy bent

1. Ylalaşýan döwletler niýetlenen nokadyň çäginde rugsatnama alan bosgunlara üstiaşyr rugsatnamalary bermäge borçludyrlar.

2. Islendik daşary ýurtla bermekde boýun gaçyrylmany aklaýan sebäpler boýunça şeýle rugsatnamalary bermekden boýun gaçyrylyp bilner.

10-njy bent

Çykyş, giriş ýa-da üstiaşyr rugsatnamalaryň berlendigi üçin paç daşary ýurt pasportlary üçin rugsatnamalara iň az paçlardan ýokary geçmeli däldir.

11-nji bent

Haçan-da bosgun başga döwletiň çäginde kanuny ýerleşse, täze resminamanyň berilmegi üçin jogapkärçilik 28-nji maddanyň şertleri we düzgünleri boýunça bosgunyň ýüz tutmak hukugyna eýe bolan bu çägiň ygtyýarly häkimiýetlerine geçýär.

12-nji bent

Täze resminamany berýän häkimiýetler köne resminamany almalydyrlar we eger resminamada onuň yzyna gaýtarylmaga degişlidigi ýazylan bolsa, ony beren ýurda gaýtarmalydyrlar; şeýle bolmadyk halatynda olar bu resminamany almalydyrlar we ony ýok etmelidirler.

13-nji bent

1. Her bir ylalaşýan döwlet şu Konwensiýanyň 28-nji maddasyna laýyklykda ýol resminamanysynyň eýesini resminamanyň hereket ediş möhletiniň içine islendik wagt öz çägine täzeden kabul etmäge borçludyr.

2. Öňki kiçi bendiň düzgünlerini hasaba almak bilen ylalaşýan döwlet onuň çäge girmegi ýa-da ondan yzyna gaýtmagy babatynda bellenilen formallyklary ýerine ýetirmegiň resminamany saklaýjydan talap edip biler.

3. Ylalaşýan döwletler aýratyn halatlarda we haçan-da bosgunyň belli bir döwür üçin bolmagyna rugsat berilýän halatlarynda resminama berlende bosgunyň yzyna gaýdyp biljek döwrüni azyndan üç aý çäklendirmek hukugyny özünde saklaýarlar.

14-nji bent

13-nji bendiniň şertleriniň ýeke-täk kadadan çykmasy hökmünde şu düşündirişiň düzgünleri hiç bir ýagdaýda ylalaşýan döwletleriň çägine kabul etmegiň, ýolunyň, ýaşamagynyň, göçüp barmagynyň we çykmagynyň şertlerini düzgünleşdirýän kanunlara we kadalara degip geçmeýär.

15-nji bent

Resminamany bermek hem, şu resminama boýunça girmek hemresminamanyň eýesiniň, aýratyn-da onuň milleti babatdaky düzgünlerini kesgitlemeýär we degip geçmeýär.

16-njy bent

Resminamany bermek hiç bir ýagdaýda onuň eýesine ýurduň diplomatik ýa-da konsullyk häkimiýetleriniň goragyny bermeýär we bu häkimiýetlere gorag hukuklaryny bermeýär.

GOŞUNDY

Ýol resminamasynyň nusgasy

Resminama broşýura görnüşinde (takmynan 10x15 santimetr) bolmalydyr. Ony bozup aýyrmagyň ýa-da himiki ýa-da beýleki serişdeler bilen üýtgedilmegiň zähmetsiz ýüze çykarylyp bilner ýaly ýagdaýda çap etmek maslahat berilýär we "1951-nji ýylyň 28-nji iýulyndaky Konwensiýa" diýen sözleriň her sahypada berýän ýurduň dilinde çap edilmelidir.

_____

(broşýuranyň jildi)

ÝOL RESMINAMASY
(1951-nji ýylyň 28-nji iýulyndaky Konwensiýa)

_____

№_____

№
ÝOL RESMINAMASY
(1951-nji ýylyň 28-nji iýulyndaky Konwensiýa)

Eger resminama uzaldylmasa ýa-da täzelenmese, şu resminamanyň hereket ediş möhleti _____gutarýar.

Familiýasy_____
Ady (lary) _____
Onuň ýanynda çaga _____(çagalar) bar

1. Şu resminama onuň eýesine ýol resminamasyny bermegiň ýeke-täk maksady bilen berildi, ol milli pasportyň ýerine peýdalanyp bilner, ol zyýan ýetirmeýär we hiç bir ýagdaýda onuň eýesiniň milletine degip geçmeýär.

2. Onuň eýesiniň _____ ýa-da
(bu resminamany berýän ýurdy, häkimiýetleri görkezmeli)
mundan beýläk has giçki sene görkezilmedik bolsa _____çenli gaýdyp gelmäge rugsady bardyr.

(Resminamanyň eýesiniň gaýdyp gelmeli döwri azyndan üç aý bolmalydyr).

Eger resminamanyň eýesi şu resminamanyň berlen ýurdundan başga ýurtda ýerleşse, eger ol ýene-de syýahat etmek islese täze resminama üçin öz ýaşaýan ýurdunyň ygtyýarly häkimiýetlerine ýüz tutmalydyr.

(Köne ýol resminamasy täze resminamany berýän häkimiýetler tarapyndan alynmalydyr we köne 1-nji resminamany beren häkimiýetlere gaýtarylmalydyr).

(Şu resminamada jildi hasap etmän.....sahypa bardyr).

1) Ýaýyň içindäki teklip muny etmek isleýeän häkimiýetler tarapyndan goýulyp bilner.

_____

(2)

Doglan ýeri we senesi_____
Işi_____
Häzirki ýaşaýan ýeri_____
*Aýalynyň gyz familiýasy we ady (lary)_____
_____
*Äriniň familiýasy we ady_____

Beýany

Boýy_____
Saçy_____

Gözüniň reňki_____
Burny_____
Ýüzüniň görnüşi _____
Ýüzüniň reňki_____
Aýratyn alamatlary_____

Resminamanyň eýesiniň ýanynda bolýan çagalar

Familiýasy	Ady (lary)	Doglan ýeri we senesi	Jynsy

_____
* gerek däliniň üstüni çyzmaly.
Şu resminamada jildi hasap etmän.....sahypa bar.

(3)

Resminamanyň eýesiniň suraty we berýän häkimiýetleriniň möhüri.
Resminamanyň eýesiniň barmaklarynyň yzlary (eger talap edilse).

Eýesiniň goly_____
(Şu resminamada jildi hasap etmän….....sahypa bar).

(4)

1. Şu resminama aşakdaky ýurtlar üçin hakykydyr:
_____
_____
_____

Resminamanyň ýa-da resminamalaryň esasynda şu resminama berildi:
_____
_____
Berildi_____
Sene_____
Resminamany beren häkimiýetleriň goly we möhüri

Paç tölenildi:_____
(Şu resminamada jildi hasap etmän….....sahypa bar).

(5)

Resminamanyň hereket ediş möhletini uzaltmak we täzelemek
Paç tölenildi:_____
_____dan
_____çenli.
_____-da amal edildi. Sene_____
Şu resminamanyň hereket ediş möhletini uzaldan we täzelän häkimiýetleriň goly we möhüri

Şu resminamanyň hereket ediş möhletini uzaltmak ýa-da täzelemek.

Resminamanyň hereket ediş möhletini uzaltmak we täzelemek
Paç tölenildi:_____
_____dan
_____çenli.
_____-da amal edildi. Sene_____

Şu resminamanyň hereket ediş
möhletini uzaldan we täzelän
häkimiýetleriň goly we möhüri

(Şu resminamada jildi hasap etmän….....sahypa bar).

(6)

Paç tölenildi:_____
_____dan
_____çenli.
_____-da amal edildi. Sene_____

Şu resminamanyň hereket ediş
möhletini uzaldan we täzelän
häkimiýetleriň goly we möhüri

(Şu resminamada jildi hasap etmän….....sahypa bar).

(7-32)

Rugsatnamalar

Şu resminamanyň eýesiniň familiýasy her bir rugsatnamada gaýtalanmalydyr.
(Şu resminamada jildi hasap etmän….....sahypa bar).